**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**

**K A R A R Y**

«01» dekabr 2015 ý. № 14508 Aşgabat ş.

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy döretmek hakynda**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.08.2016 ý. çykaran № 14938, 03.04.2018 ý.

çykaran № 719 we 18.06.2019 ý. çykaran № 1278 kararlary esasynda girizilen

üýtgetmeler bilen)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda durmuş-ykdysady özgertmeleri mundan beýläk-de dowam etdirmek, «Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanynda Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy

döretmeli.

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk hakyndaky Düzgünnamany;

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerini tassyklamaly (goşulýar).

3. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy saklamak bilen bagly çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

4. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hutuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy Aşgabat şäheriniň 2009-njy (Gölogly) köçesiniň 85-nji jaýynda ýerleşdirmeli.

5. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri 2015-nji ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetine girizmeli.

6. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary Ýeke-täk maglumatlar binýadyny döretmek hem-de ýöretmek üçin, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugy zerur bolan maglumatlar bilen üpjün etmeli.

7. Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi Türkmenistanyň adalat edaralarynyň ulgamynyň, şol sanda Gullugyň, onuň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň arasynda, şeýle hem şu kararyň 6-njy bölüminde görkezilen edaralaryň hem-de Gullugyň, onuň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň arasynda elektron maglumatlary alyşmak ulgamyny döretmek üçin zerur işleri geçirmeli.

8. Degişli ministrlikler we pudak edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, şeýle hem beýleki edara görnüşli taraplar gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň tehniki taýdan tükellenmeginiň geçirilmegini we degişli döwlet sanawlarynda (döwlet ýer kadastrynda, ýaşaýyş jaý gaznasynyň we gozgalmaýan emlägiň başga obýektleriniň döwlet hasabynda, döwlet gozgalmaýan emläginiň sanawynda) hasaba alynmagyny hem-de gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynda bellige alynmagyny üpjün etmeli. Şeýle hem, agzalan döwlet sanawlarynda hasaba we bellige alynmagyny üpjün etmek üçin döwlet kabul ediş topary tarapyndan ulanyşa kabul edilmedik gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň ulanyşa kabul edilmegi boýunça degişli işleri geçirmeli.

9. Türkmenistanyň Adalat ministrligi degişli ministrlikler we pudak edaralary bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

10. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Adalat ministri, Türkmenistanyň Maliýe ministri, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministri, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministri, Türkmenistanyň Goranmak ministri, Türkmenistanyň Içeri işler ministri, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministri, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň**

**Prezidenti,**

**Türkmenistanyň**

**Ýaragly Güýçleriniň** **Gurbanguly**

**Belent Serkerdebaşysy** **Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň,

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň

Belent Serkerdebaşysynyň

2015-nji ýylyň 01-nji dekabrynda

çykaran 14508-nji karary bilen

tassyklandy

**Tiirkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk hakynda**

**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 23.08.2016 ý. çykaran № 14938 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk (mundan beýläk - Gulluk) gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy babatda döwlet dolandyryşy amala aşyrýan döwlet edarasy bolup durýar.

2. Gulluk öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyn Raýat kodeksini, «Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, şeýle hem şu Düzgünnamany hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny goldanýar.

3. Gullugyň işine Türkmenistanyň Adalat ministrligi (mundan beýläk - Ministrlik) usulyýet we umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar, onuň işini utgaşdyrýar we oňa gözegçilik edýär.

4. Gullugyň Ministrlik tarapyndan döredilýän we ýatyrylýan hem-de edara görnüşli tarap bolup durýan welaýatlarda we welaýat hukukly şäherlerde Gullugyň müdirlikleri (mundan beýläk - Gullugyň müdirlikleri), şeýle hem şäherlerde we etraplarda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edaralary (mundan beýläk - Gullugyň ýerli edaralary) bolýar.

5. Gulluk öz işini özbaşdak amala aşyrýar we üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

6. Gullugyň esasy wezipeleri:

gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek we gözegçiligi amala aşyrmak;

Gullugyň müdirlikleriniň, ýerli edaralarynyň işine ýolbaşçylygy amala aşyrmak, olaryň işini utgaşdyrmak we oňa gözegçilik etmek;

Türkmenistan boýunça Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny (mundan beýläk - Döwlet sanawy) ýöretmegi amala aşyrmak;

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň düzgünleriniň berjaý edilmegini üpjün etmek;

Türkmenistan boýunça gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň jemleýji görkezijilerini toplamagy, seljermegi, umumylaşdyrmagy amala aşyrmak;

Döwlet sanawyny ýöretmek tejribesiniň meseleleri we Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alnyşyny amala aşyrmaklary boýunça usulyýet resminamalaryny işläp düzmek we neşir etmek;

Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýöredilmegini, goralmagyny we aýawly saklamagyny üpjün etmek;

Döwlet sanawyndan şahsy we edara görnüşli taraplara degişli gozgalmaýan emläge bolan hukuklar hakynda maglumatlary bermek;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba almagy amala aşyrýan edaralar we beýleki döwlet edaralary bilen özara gatnaşyk saklamak;

Türkmenistan boýunça döwlet bellige alyjylaryň Döwlet sanawyny Ministrlik tarapyndan bellenen tertipde ýöretmek;

Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek bolup durýar.

7. Gulluk öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda şu işleri amala aşyrýar:

Türkmenistan boýunça Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýöredilmegini kagyz we elektron göterijilerde amala aşyrýar;

şahsyýetini tassyklaýan resminamany beren şahsyň ýazmaça arzasy boýunça geçirilen bellige alyş hakynda we gozgalmaýan emläge bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary barada maglumatlary berýar;

kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylan bellige alyş işleriniň dogrulygyny barlaýar;

Türkmenistan boýunça Döwlet sanawyna girizilmegi üçin Gullugyň müdirlikleri tarapyndan iberilen gozgalmaýan emlägiň obýektleri hakyndaky, bar bolan we bes edilen hukuklar hem-de hukuklaryň borçlanmalary hakyndaky, şeýle hem hukuklary Gullugyň ýerli edaralarynda bellige alnan hukuk eýeleri hakyndaky maglumatlarda zaýalanan we zeper ýeten, nätakyk ýazgylaryň bardygyny we olaryň hakykylygyny barlaýar;

ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen hukuk belleýji resminamanyň ýa-da eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegini we asyl nusgasynyň (tassyklanan göçürme nusgasynyň) güýjüniň ýatyrylmagynyň tertibini belleýär;

bellige alyş işleri amala aşyrylanda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy ýüze çykarylan halatynda degişli çäreleri görýär;

Döwlet sanawynyň alnyp barylmagy üçin zerur bolan beýleki resminamalary kesgitleýär;

şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň arzalary boýunça amala aşyrylýan bellige alyş işleriniň ähli halatlary üçin döwlet tarapyndan bellige almagyň amala aşyrylmagy üçin berilmegi zerur bolan resminamalaryň sanawlaryny kesgitleýär;

işgärleriň bilim we hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça işleri guraýar;

öz ygtyýarlygynyň çäklerinde şahsy we edara görnüşli taraplaryň arzalaryna, ýüztutmalaryna we şikaýatlaryna seredýär;

gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly meseleleri öwrenýär we olary durmuşa geçirmegiň tejribesini umumylaşdyrýar;

öz ygtyýarlygynyň çäklerinde gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy babatda döwletiň ýa-da kanun arkaly goralýan beýleki syry bolup durýan meseleler boýunça maglumatlarynyň gizlinligini we goraglylygyny üpjün edýär;

jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça ygtyýarly döwlet edarasyna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde hökmany gözegçilik edilmegine degişli geleşikler we amallar hakynda maglumatlary berýär;

gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin döwlet pajynyň hem-de Döwlet sanawyndan maglumatlaryň, bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berlendigi, resminamalardan göçürmeleriň taýýarlanandygy, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen baglanyşykly başga hukuk we tehniki hyzmatlaryň edilendigi üçin tölegleriň hasaplanylyşynyň takyklygyna, doly we öz wagtynda bellenen tertipde geçirilmegine gözegçiligi amala aşyrýar;

Türkmenistanyň Döwlet býujetinden berilýän serişdeleriň bellenen maksatlar üçin sarp edilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

buhgalterçilik hasabatyny ýöredýär, maliýe we statistika hasabatyny düzýär, olaryň takyklygyna jogap berýär;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde müdirliklerinde we ýerli edaralarynda barlag işlerini geçirýär;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

8. Gullugyň şulara hukugy bar:

kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary boýunça öz ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça teklipleri bermäge;

gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba almagy amala aşyrýan edaralardan we beýleki döwlet edaralaryndan zerur maglumatlary hem-de resminamalary sorap almaga;

gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde zerurlyk ýüze çykanda ylmy we beýleki edaralaryň hünärmenlerini hem-de bilermenlerini bellenen tertipde işe çekmäge;

Döwlet sanawyndan maglumatlaryň, bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berlendigi, resminamalardan göçürmeleriň taýýarlanandygy, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen baglanyşykly başga hukuk we tehniki hyzmatlaryň edilendigi üçin bellenen tertipde tölegleri almaga, olary býujetden daşary hasaplaşyk hasabyna geçirmäge we zerurlyklaryna gönükdirmäge.

9. Gulluga Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan Baş döwlet bellige alyjysy ýolbaşçylyk edýär.

10. Gullugyň Baş döwlet bellige alyjysynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Adalat ministri tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan orunbasary bar.

11. Baş döwlet bellige alyjysy:

Gullugyň işine ýolbaşçylyk edýär hem-de Gullugyň üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär;

Gullugyň işine degişli meseleler boýunça özbaşdak çözgüt kabul edýär;

Gullugyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça döwlet edaralary bilen arkalaşykly işleýär;

bellenen tertipde Gullugyň işgärlerini (döwlet bellige alyjylardan başgalary) işe kabul edýär we işden boşadýar;

öz orunbasarynyň we işgärleriniň wezipe borçlaryny kesgitleýär;

bellenen işgär sanynyň we olary saklamak üçin bölünip berlen serişdeleriň çäklerinde Gullugyň wezipe sanawyny bellenen tertipde ylalaşyp tassyklaýar;

ýüze çykýan meseleler boyunça Ministrligiň garamagyna teklipleri hödürleýär;

bellenen tertipde Gullugyň işgärleri babatda höweslendiriş we düzgün-nyzam temmi çärelerini ulanýar;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

Gullugyň gurluş birlikleriniň düzgünnamalaryny tassyklaýar;

öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

12. Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň we Gullugyň ýerli edaralarynyň döwlet bellige alyjylaryna Türkmenistanyň adalat edaralarynyň işgärleri üçin hünär derejelere laýyklykda hünär derejeleri berilýär.

13. Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň we Gullugyň ýerli edaralarynyň döwlet bellige alyjylarynyň tälim alyjylary bolup biler.

Döwlet bellige alyjylary tälim alyjylaryň gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen bagly bellige alyş işlere bolan taýýarlygyny üpjün edýär.

Tälim almagy geçmegiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministri tarapyndan tassyklanýar.

14. Döwlet bellige alyjynyň Gullugyň, Gullugyň müdirliginiň ýa-da Gullugyň ýerli edarasynyň ady we döwlet bellige alyjysyna berlen san belgisi görkezilen Türkmenistanyň döwlet tugrasy şekillendirilen möhüri, şeýle hem möhürçeleri we blanklary bolýar.

15. Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň düzümi we işgärleriniň sany hem-de Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň düzgünnamalary Türkmenistanyň Adalat ministri tarapyndan tassyklanýar.

16. Gulluk öz işi baradaky hasabaty bellenen tertipde Türkmenistanyň Adalat ministrligine berýär.

17. Gulluk edara görnüşli tarap bolup durýar, onuň özbaşdak balansy, býujet we býujetden daşary hasaplary, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen we öz ady ýazylan möhüri we möhürçeleri bar.

18. Gullugy üýtgedip guramak we ýatyrmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň,

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň

Belent Serkerdebaşysynyň

2015-nji ýylyn 01-nji dekabrynda

çykaran 14508-nji karary bilen

tassyklandy

**Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny ýöretmegiň**

**DÜZGÜNLERI**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 03.04.2018 ý. çykaran № 719 we 18.06.2019 ý. çykaran

№ 1278 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

## I. Umumy düzgünler

1. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň Döwlet sanawyny ýöretmegiň Düzgünleri (mundan beýläk - Düzgünler) «Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna (mundan beýläk - Kanun) laýyklykda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny (mundan beýläk - Döwlet sanawyny) ýöretmegiň düzgünlerini kesgitleýär.

2. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy (mundan beýläk - hukuklaryň bellige alynmagy) - bu gozgalmaýan emlägiň obýekti, oňa bolan hukuklary we hukuklaryň borçlanmalary, şeýle hem hukuk eýeleri barada ýazgylaryň Döwlet sanawyna girizilmegi, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň döwlet tarapyndan ykrar edilmegi hem-de bu hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň döwlet tarapyndan goralmagy bolup durýar.

3. Hukuklaryň bellige alynmagy babatda döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly

geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk (mundan beýläk - Gulluk), şeýle hem welaýatlarda we welaýat hukukly şäherlerde döredilýän Gullugyň müdirlikleri (mundan beýläk - Gullugyň müdirlikleri) tarapyndan amala aşyrylýar. Hukuklaryň bellige alynmagyny Gullugyň ýerli edaralary amala aşyrýarlar (mundan beýläk bilelikde ulanylanda - bellige alýan edaralar).

4. Döwlet sanawy - bar bolan we bes edilen hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary, şeýle hem hukuklary Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan bellige alyş kitaplarynda bellige alnan hukuk eýeleri hakyndaky maglumatlar binýady bolup durýar.

5. Türkmenistanyň Adalat ministrligi Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň işine usulyýet we umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar, olaryň işini utgaşdyrýar we oňa gözegçilik edýär.

6. Türkmenistanda ýerleşýän gozgalmaýan emlägiň we (ýa-da) gozgalmaýan emlägiň obýektleri babatda hukuklaryň eýeleri bolup durýan şahsy we edara görnüşli taraplar hem-de döwlet bellige alyjysy hukuklaryň bellige alynmagynyň subýektleri bolup durýarlar.

7. Şahsy we edara görnüşli taraplar Kanun hem-de şu Düzgünler bilen düzgünleşdirilýän gatnaşyklara, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, öz wekilleriniň üsti bilen gatnaşyp bilerler. Şahsy taraplaryň wekilleriniň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, notarial taýdan tassyklanan ynanç haty bilen tassyklanmalydyr.

8. Kanun hem-de şu Düzgünler bilen düzgünleşdirilýän gatnaşyklara şahsy we edara görnüşli taraplaryň özleriniň gatnaşmaklary, agzalan hukuk gatnaşyklaryna olaryň wekiliniň gatnaşmagyndan mahrum etmeýär. Şonuň ýaly-da wekiliň gatnaşmagy olaryň görkezilen gatnaşyklara şahsy gatnaşmaga bolan hukugyndan mahrum etmeýär.

9. Şu Düzgünler gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň şu görnüşlerine bolan hukuklaryny we hukuklaryň borçlanmalaryny döwlet tarapyndan bellige almagyň düzgünlerini belleýär:

1) ýer bölekleri;

2) binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler;

3) ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar;

4) emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar;

5) emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler;

6) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri.

10. Gozgalmaýan emläge bolan şu hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir:

1) eýeçilik hukugy;

2) hojalygy ýörediş hukugy;

3) operatiw dolandyryş hukugy;

4) ýer bölegine mirasa goýmak hukugy bilen eýelik etmek hukugy;

5) ynançly dolandyrmak hukugy;

6) ýer böleginiň ýa-da binanyň, desganyň, üzňeleşdirilen jaýyň bäş ýyldan köp möhlet bilen kärende (kireý) hukugy;

7) ýer bölegini peýdalanmak hukugy;

8) ipotekadan ýüze çykýan hukuklar;

9) serwitutlar;

10) döwlet emlägi döwletiň eýeçiliginden aýrylanda we hususylaşdyrylanda gozgalmaýan emläk babatda bellenýän hukuklar we borçlanmalar;

11) kazyýet edaralarynyň çözgütlerinden gelip çykýan hukuklar;

12) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary.

11. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişli gozgalmaýan emläge bolan hukuk we hukugyň borçlanmasy olaryň degişlilikde ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnan pursadyndan başlap ýüze çykýarlar, geçýärler, bes edilýärler.

Döwlet sanawynda bellige alynmadyk, Kanun güýje girmezinden öň ýüze çykan gozgalmaýan emläge bolan hukuklar degişli hukuk ýüze çykan pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelen ýagdaýynda, hakyky güýjünde diýlip ykrar edilýär. Şeýle hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy olaryň eýeleriniň islegi boýunça geçirilýär.

Kanun güýje girmezinden öň ýüze çykan, gozgalmaýan emläge bolan hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Kanun güýje girizilenden soň ýüze çykan bu hukugyň başga birine geçmegi, onuň borçlanmasy ýa-da Kanun güýje girizilenden soň amala aşyrylan gozgalmaýan emlägiň obýekti bilen geleşikler döwlet tarapyndan bellige alnan mahalynda talap edilýär.

12. Gozgalmaýan emläge bolan hukugyň ýa-da hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy diňe kazyýet tertibinde hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

13. Hukuklaryň bellige alynmagy üçin bellenen tertipde we möçberde döwlet pajy alynýar.

Gozgalmaýan emläge bolan öň ýüze çykan (Kanun güýje girmezinden öň) hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy muzdsuz amala aşyrylýar.

Döwlet sanawyndan maglumatlaryň, bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy boýunça hukuk maslahatlarynyň berlendigi, resminamalardan göçürmeleriň taýýarlanandygy, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bilen baglanyşykly başga hukuk we tehniki hyzmatlaryň edilendigi üçin, bellenen tertipde we möçberde tölegler alynýar.

14. Bellige alyş hereketlerini amala aşyrýan döwlet bellige alyjysy jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça ygtyýarly döwlet edarasyna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde hökmany gözegçilik edilmegine degişli geleşikler we amallar hakynda maglumatlary bermäge borçludyr.

## II. Döwlet sanawynyň resminamalary

15. Döwlet sanawy Türkmenistanyň çäginde hukuklaryň bellige alynmagynyň bitewi ulgamyny alyp barmak üçin niýetlenendir.

16. Döwlet sanawy şu resminamalardan ybarat:

1) döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyndan (mundan beýläk - gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby);

2) bellige alyş işlerinden;

3) bellige alyş kitaplaryndan;

4) şahsy we edara görnüşli taraplaryň maglumaty bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabyndan.

17. Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýöredilmegi, kagyz we elektron göterijilerde amala aşyrylýar.

18. Kagyz we elektron göterijilerdäki maglumatlar gabat gelmedik mahalynda, kagyz görnüşindäki maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

19. Bellige alyş kitabyndaky maglumatlaryň Dowlet sanawynyň beýleki resminamalarynyň maglumatlary bilen gabat gelmedik mahalynda, bellige alyş kitabyndaky maglumatlar ileri tutulýar, tehniki ýalňyşlyklaryň bar bolan halatlary muňa degişli däldir.

20. Gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitaby, bellige alyş kitaplary we bellige alyş işleri hemişelik saklanýan resminamalara degişlidir. Olaryň ýok edilmegine, şeýle hem olardan haýsy-da bolsa bir resminamanyň alynmagyna ýol berilmeýär.

21. Gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň ýöredilmeginiň tertibi, Bellige alyş kitabynyň ýöredilmeginiň tertibi, Bellige alyş işiniň ýöredilmeginiň tertibi, Döwlet sanawyndan şahsy we edara görnüşli taraplaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň ýörediliş tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellenýär.

22. Şu Düzgünleriň 16-njy bölüminde görkezilen resminamalardan başga-da, Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitaby, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitaby, Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitaby ýöredilýär we bu kitaplaryň ýöredilmeginiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellenýär.

Şeýle hem gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklaryň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň sanawynyň kitaby elipbiý tertibinde ýöredilýär.

23. Gulluk tarapyndan Döwlet sanawynyň alnyp barylmagy üçin zerur bolan başga resminamalar hem kesgitlenip bilner.

24. Döwlet sanawynyň resminamalaryny alyp barmak üçin üpjünçilik serişdeleri, Gullugyň, onuň müdirlikleriniň we ýerli edaralarynyň (şol sanda döwlet bellige alyjylaryň) möhürleri,

möhürçeleri we blanklary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär.

### III. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esaslar

25. Şular gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup biler:

1) şertnamalar we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan başga geleşikler, şeýle hem Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulmadyk, emma oňa çapraz gelmeýän şertnamalar we başga geleşikler;

2) döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagynyň, başga birine geçmeginiň, bes edilmeginiň esasy hökmünde göz öňünde tutulan namalary;

3) gozgalmaýan emläge bolan hukuklary, hukuklaryň borçlanmalaryny belleýän ýa-da bes edýän kanuny güýje giren kazyýetiň çözgütleri;

4) ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda ol amala aşyrylan pursadynda hereket eden kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylan namalar (şahadatnamalar);

5) mirasa bolan hukuk hakyndaky şahadatnama;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ygtyýarly döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan berlen gozgalmaýan emläge bolan hukuklar hakyndaky namalar

(şahadatnamalar);

7) ýaşaýyş jaý şereketleriniň agzasy tarapyndan ýaşaýyş jaýy üçin paýy doly tölemek;

8) gozgalmaýan emlägi hasaba alyjy edaralar tarapyndan berlen resminamalar;

9) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hukuklaryň barlygyny, ýüze çykmagyny, başga birine geçmegini, bes edilmegini, borçlanmasyny tassyklaýan başga resminamalar.

## IV. Döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin resminamalaryň berilmegi

26. Döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin şu Düzgünleriň 34-nji bölüminde göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda şu resminamalar berilýär:

1) döwlet tarapyndan bellige almak hakyndaky arza;

2) bellige alyş hereketleri amala aşyrylan mahalynda bellige alyş kitabyna girizilmäge degişli kybaplaşdyryş maglumatlaryny özünde jemleýän resminamalar;

3) döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup durýan resminamalar;

4) döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin tölegiň tölenendigini tassyklaýan resminamalar.

27. Döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin arza berijiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň asyl we göçürme nusgalary zerurdyr.

Arza berijiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamalar şular bolup durýar:

Şahsy tarap üçin - şahsyýetini tassyklaýan resminamasy (pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy). Dogluş hakyndaky şahadatnama (16 ýaşa ýetmedikler üçin), Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasporty, gulluk pasporty, diplomatik pasporty, ofiserleriň şahsyýetnamasy, harby bilet (çagyryş boýunça harby gullugy geçýänler üçin), raýatlygy bolmadyk adamyň şahsyýetnamasy, bosgun şahsyýetnamasy, Türkmenistanyň Deňizçisiniň şahsyýetnamasy, Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýamama, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki resminamalar pasportyň ornuny tutýan resminama;

edara görnüşli tarapyň wekili üçin - edara görnüşli tarapyň esaslandyryş resminamalary, şeýle hem wekiliň özüniň şahsyýetini tassyklaýan resminamasyny we onuň bu edara görnüşli tarapyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy;

daşary ýurt edara görnüşli tarapyň wekili üçin - şol döwletiň kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli tarap bolup durýandygyny tassyklaýan bellenen tertipde kanunlaşdyrylan (legalizirlenen), döwlet diline terjime edilen we notarial taýdan tassyklanan resminamalary, şeýle hem wekiliň özüniň şahsyýetini tassyklaýan resminamasyny we onuň bu edara görnüşli tarapyň adyndan hereket etmäge ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamasy bolup biler.

28. Şahs hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýan ýuridiki fakt başlanan, şol sanda şertnamanyň notarial taýdan tassyklanan, kazyýetiň çözgüdiniň güýje giren, başga hukuk belleýji resminamalaryň berlen pursadyndan başlap alty aýdan gijä galman hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza bilen ýüz tutmaga borçludyr.

Döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda görkezilen möhletden soň berlen arzany kabul etmekden ýüz dönderilmegine yol berilmeyär.

29. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga resminamalar kabul edilende gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda resminamalaryň berlen senesi, sagady we minudy barada ýazgy ýazylýar.

30. Arza berijä döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalaryň sanawy görkezilen, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin beren arzasynyň göçürme nusgasy berilýär.

Bu barada gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda degişli bellik edilýär.

31. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen halatlarda döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup durýan resminamalar kepiilendiriş taýdan tassyklanmalydyr we (ýa-da) olary beren döwlet edarasy tarapyndan möhür bilen berkidilmelidir.

32. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň çäginden daşarda daşary ýurt döwletiniň kanunçylygyna laýyklykda düzülen resminamalar kanunlaşdyrylmalydyr (legalizirlenmelidir).

33. Hukugy belleýän resminamalar arza berijiniň şol gozgalmaýan emläge bolan hukugyny tassyklamalydyr.

Eger-de Döwlet sanawyny alyp barmak üçin ýüz tutan şahsy ýa-da edara görnüşli tarapda degişli maglumaty ýok bolsa ýa-da ýeterlik bolmasa, Gullugyň ýerli edarasy bu maglumatlary Türkmenistanyň degişli döwlet edaralaryndan sorap alyp biler.

Gulluga iberilýän resminamalaryň sanawy we mazmuny, olary ibermegiň tertibi we möhletleri, şeýle resminamalaryň görnüşlerine bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellenýär.

34. Kazyýet edaralaryndan, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda teklipnama bermek hukugy berlen başga döwlet edaralaryndan resminamalar gelen mahalynda Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagy üçin ýeterlik bolmadyk maglumatlar özbaşdak talap edilip soralýar.

35. Döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin berilýän resminamalar Gullugyň ýerli edarasyna iki nusgada tabşyrylýar (olaryň biri asyl, ikinjisi göçürme nusgasy bolmalydyr).

Döwlet bellige alyjysy tarapyndan resminamalar kabul edilende olaryň göçürme nusgasy asyl nusgasy bilen deňeşdirilýär we göçürme nusgasy asyl nusgasy bilen gabat gelen halatynda, döwlet bellige alyjysy tarapyndan göçürme nusgasynda «Nusga dogry» diýip bellik edilýär, öz goly bilen tassyklanýar we möhüri bilen berkidilýär.

36. Hukuklaryň bellige alynmagy döwlet tarapyndan bellige almak üçin zerur bolan arzanyň we resminamalaryň berlen gününden başlap bir aý möhletden gijä galman amala aşyrylýar, gyssagly tertipde bolsa 5 (bäş) iş gününiň dowamynda amala aşyrylyp bilner.

37. Bellige alyş hereketi döwlet bellige alyjysy tarapyndan döwlet tarapyndan bellige almagyň amala aşyrylmagy üçin hödürlenen resminamalar kabul edilen pursadyndan başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda amala aşyrylýar, şu Düzgünleriň 54-nji bölüminde we 62-nji bölüminiň ikinji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa degişli däldir.

38. Gozgalmaýan emläge bolan hukugy belleýän resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygynda bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

39. Şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň arzalary boýunça amala aşyrylýan bellige alyş hereketleriniň ähli halatlary üçin Gulluk tarapyndan döwlet tarapyndan bellige almagyň amala aşyrylmagy üçin berilmegi zerur bolan resminamalaryň sanawlary kesgitlenýär.

## V. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň geçiriliş tertibi

40. Hukuklaryň bellige alynmagy şu tertipde amala aşyrylýar:

1) hukuklaryň bellige alynmagy üçin zerur bolan we Kanunyň talaplaryna laýyk gelýän resminamalaryň kabul edilmegi, şeýle resminamalaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylandygy üçin tölegiň tölenendigini tassyklaýan resminamanyň hökmany ýanyna goşulmagy bilen bellige alynmagy;

2) resminamalaryň hukuk taýdan bilermenler seljermesi we geleşigiň kanunylygynyň barlagy;

3) gozgalmaýan emlägiň bu obýektine arza berilýän hukuklaryň we eýýäm bellige alnan hukuklaryň arasyndaky çapraz gelmeleriň, şeýle hem döwlet tarapyndan bellige almagyň geçirilmegine päsgelçilik döredýän başga esaslaryň ýoklugynyň anyklanmagy;

4) görkezilen çapraz gelmeler we döwlet tarapyndan bellige almakdan ýüz döndermek ýa-da togtatmak üçin başga esaslar bolmadyk mahalynda Döwlet sanawyna ýazgylaryň girizilmegi;

5) hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasyna bellige alyş ýazgysynyň ýazylmagy we (ýa-da) arza berijä gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň berilmegi.

41. Döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin berilýän resminamalar arza beriji tarapyndan döwlet bellige alyjysyna berilmelidir.

42. Döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin berilýän resminamalar kabul edilende, şu aşakdaky hereketler amala aşyrylmalydyr:

arza berijiniň şahsyýetini anyklamak;

arza berijiniň wekiliniň (geleşigiň taraplarynyň) ygtyýarlygyny barlamak;

bellige alyş işini amala aşyrmak üçin zerur bolan resminamalaryň toplumyny barlamak;

resminamalaryň Kanunyň talaplaryna laýyk gelýändigini barlamak;

resminamalaryň nusgalaryny olaryň asyl nusgalary bilen deňeşdirmek;

resminamalar alnan mahalynda bu barada gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyna degişli ýazgyny ýazmak;

arza berijä döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen resminamalaryň sanawy görkezilen, gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, üýtgemeginiň ýa-da bes edilmeginiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin beren arzasynyň göçürme nusgasyny bermek;

zerur bolan başga hereketleri amala aşyrmak.

43. Kabul edilen resminamalaryň hukuk taýdan bilermenler seljermesi we geleşigiň kanunylygynyň barlagy şu aşakdaky hereketlerden ybaratdyr:

gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyna girizilen arzalaryň arasynda artykmaçlyk arzanyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin berlen senesi, sagady we minuty boýunça bermek (şol bir hukugy bellige alynmak üçin birnäçe arza bolanda);

berlen resminamalary arhiw we elektron görnüşlerindäki bolan maglumatlary bilen deňeşdirmek (gozgalmaýan emlägiň obýekti barada, şeýle hem hukuk eýesi barada maglumatlaryň gabat gelmegi);

gozgalmaýan emlägiň obýektine hukuklaryň borçlanmalarynyň bardygyny barlamak (kärende, girew, ipoteka, serwitutlar, şertnama boýunça borçnamalar, kazyýetiň emlägi tussag etmek hakynda çykaran çözgütleri we gozgalmaýan emlägiň eýesiniň ýa-da ony peýdalanyjynyň hukuklaryny çäklendirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki hukuklar);

gozgalmaýan emlägiň obýektiniň tehniki we kybaplaşdyryş maglumatlary bilen berlen hukuk belleýän resminamalarynda bolan maglumatlaryň bir-birine gabat gelýändigini barlamak;

berlen resminamalaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen talaplara laýyk gelýändigini barlamak (raýat, ýaşaýyş jaý,ýer hakynda, eýeçilik hakynda we beýlekiler);

zerur bolan başga hereketleri amala aşyrmak.

44. Kabul edilen resminamalaryň hukuk taýdan bilermenler seljermesi we geleşigiň kanunylygynyň barlagy esasynda döwlet bellige alyjysy şu aşakdaky hereketleriň birini amala aşyrýar:

bellige alyş hereketlerini amala aşyrýar;

bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderýär;

bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyny togtadýar.

45. Bellige alyş hereketleri resminamalaryň döwlet tarapyndan bellige alynmaga kabul edilen pursadyndan başlanýar. Döwlet sanawyna geleşik ýa-da hukuk barada ýazgy ýazylan gününden geleşik – bellige alnan, hukuk netijeleri bolsa, başlanan hasap edilýär.

46. Bellige alyş işi bellige alyş kitabyna degişli ýazgylaryň ýazylmagy arkaly amala aşyrylýar.

47. Bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagynyň tassyklanmagy Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan hukuk belleýän resminamalaryň asyl nusgasyna bellige alyş ýazgysynyň ýazylmagy we (ýa-da) arza berijä gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň bellenen tertipde berilmegi arkaly geçirilýär.

48. Gozgalmaýan emläge bolan hukugyň borçlanmasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy diňe Döwlet sanawynda bu gozgalmaýan emläge bolan öň ýüze çykan hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy bar bolanda mümkindir.

49. Kybaplaşdyryş maglumatlary bar bolan resminamalaryň we döwlet tarapyndan bellige alynmagy üçin esas bolup durýan resminamalaryň asyl nusgalary arza berijilere gaýtarylyp berilmäge, göçürme nusgalary bolsa, bellige alyş işinde saklanmaga degişlidir.

## VI. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz döndermek

50. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden şu aşakdaky ýagdaýlarda ýüz döndeilýär:

döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza bellenen tertipde berilmedik bolsa;

arza berijide (onuň ygtyýarly wekilinde) şahsyýetini tassyklaýan resminamasy bolmasa;

hukuk belleýän resminamany beren şahsyň gozgalmaýan emläk babatda ygtyýarlyk etmek hukugyna ygtyýarlygy bolmasa;

hukuklaryň bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan hemme resminamalaryň berilmezligi ýa-da berlen resminamalaryň görnüşi ýa-da mazmuny boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa;

arzada görkezilen hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň bellige alynmagy Gullugyň başga ýerli edarasynyň ygtyýarlygyna degişli bolsa;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

51. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilen ýagdaýynda, gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda resminamalaryň kabul edilendigi barada ýazgy edilmeýär.

Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada maglumatlar döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynda ýöredilýär.

52. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden yüz dönderilmegi üçin esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylanda, arza beriji resminamalary umumy esaslarda döwlet tarapyndan bellige almaga tabşyryp biler.

53. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga berilýän resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilmegi ýokarda durýan edara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

## VII. Bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy

54. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagy şu ýagdaýlarda togtadylyp bilner:

1) goşmaça maglumatlaryň ýa-da resminamalaryň talap edilmeginiň zerurlygynda;

2) gozgalmaýan emlägiň tehniki tükellenilmeginiň ýa-da häsiýetnamalarynyň barlagy geçirilende;

3) resminamalaryň asyl nusgalaryna bilermenler seljermesi geçirilende.

55. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy üçin arza berijiden, beýleki şahsy we edara görnüşli taraplardan, şol sanda döwlet edaralaryndan goşmaça maglumatlar ýa-da resminamalar talap edilip bilner. Şeýle ýagdaýda, bellige alyş hereketlerini amala aşyrmagyň togtadylan möhleti togtadylan gününden bir aýdan geçmeli däldir.

Degişli edaralar Gullugyň ýerli edarasynyň degişli hatyny alanyndan haýal etmän, degişli işleri geçirip, hatda goýlan mesele boýunça 10 (on) iş gününde jogap bermelidir.

56. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan ýagdaýynda döwlet bellige alyjysy tarapyndan gozgalmaýan emlägiň obýektiniň barlygyny, ýerleşýän ýerini, düzümini, meýdanyny we gozgalmaýan emlägiň obýektiniň beýleki häsiýetnamalaryny anyklamak (takyklamak) maksady bilen, gozgalmaýan emlägiň tehniki tükellenmeginiň geçirilmegi ýa-da häsiýetnamalarynyň barlagynyň geçirilmegi bellenip bilner. Şeýle ýagdaýda, bellige alyş hereketlerini amala aşyrmagyň togtadylan möhleti togtadylan gününden bir aýdan geçmeli däldir.

Gozgalmaýan emlägiň tehniki tükellenmegini geçirýän ýa-da häsiýetnamalarynyň barlagyny geçirýän degişli döwlet edaralary Gullugyň ýerli edarasynyň degişli hatyny alanyndan haýal etmän, degişli işleri geçirip, hatda goýlan mesele boýunça 10 (on) iş gününde jogap bermelidir.

57. Eger berlen resminamalaryň asyl nusgalygy ýa-da olarda bolan maglumatlaryň hakykylygy şübhe döretse, Gullugyň ýerli edarasy goşmaça maglumatlary hem-de resminamalaryň asyl nusgalygyny ýa-da olarda bolan maglumatlaryň hakykylygyny tassyklaýan maglumatlary almak üçin degişli işleri geçirýär. Şeýle ýagdaýda, bellige alyş hereketlerini amala aşyrmagyň togtadylan möhleti togtadylan gününden bir aýdan geçmeli däldir.

58. Arza beriji berlen resminamalaryň asyl nusgalaryny ýa-da olarda bolan maglumatlaryň hakykylygyny tassyklaýan goşmaça subutnamalary bermäge haklydyr.

59. Eger berlen resminamalaryň asyl nusgalary ýa-da olarda bolan maglumatlaryň hakykylygy şübhe döretse, bellige alyş işlerini amala aşyrýan döwlet bellige alyjysy bu resminamalary saklamaga hem-de olary bilermenler seljermesine ibermäge (şol sanda bu resminamany beren edara degişli hat bilen ýüzlenmäge we resminamany ibermäge) haklydyr. Bu haty alan edara haýal etmän degişli işleri geçirip, hatda goýlan mesele boýunça 10 (on) iş gününde jogap bermelidir.

60. Bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt kabul edilende, döwlet bellige alyjysy bellige alyş kitabyna (eger bellige alyş kitaby açylmadyk bolsa, onda gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyna) degişli belligi girizmäge hem-de döwlet tarapyndan bellige alynmagy barada arza beren şahsa bellige alyş işiniň amala aşyrylmagynyň togtadylýandygy barada 3 (üç) iş gününiň dowamynda togtadylmagyň möhletini we sebäplerini, şeýle hem togtadylmaga şikaýat ediliş tertibini görkezmek bilen, ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr.

Şunda, gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň degişli ýazgysynda bellige alyş işleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylandygy barada, onuň sebäplerini hem-de arza berijä berlen habaryň rekwizitlerini görkezmek bilen, degişli bellik edilýär.

61. Şu Düzgünleriň 55-57-nji, 59-njy bölümlerinde bellenen möhletleriň dowamynda bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagyny togtatmak üçin esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylmasa, bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilýär.

62. Hukuk ýa-da fakt ugrunda gyzyklanýan şahsdan arza gelip gowşandygy baradaky habar kazyýet edarasyndan alnan halatynda, başga gyzyklanýan şahsyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny haýyş edýän geleşik, hukuk ýa-da hukugyň borçlanmasy babatda, şol iş kazyýet edarasy tarapyndan çözülýänçä döwlet bellige alyjysynyň bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy togtadylýar. Şunda, döwlet bellige alyjysy görkezilen habar gelen mahalynda bellige alyş kitabyna (eger bellige alyş kitaby açylmadyk bolsa, onda gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyna) degişli belligi girizmäge hem-de bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt kabul edilen senesinden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda buýurma haty bilen döwlet tarapyndan bellige alynmagy barada arza beren şahsa bellige alyş işinin amala aşyrylmagynyň togtadylýandygy barada, togtadylmagyň möhletini we sebäplerini, şeýle hem togtadylmaga şikaýat ediliş tertibini görkezmek bilen habar bermäge borçludyr.

Döwlet bellige alyjysynyň bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy gyzyklanýan şahsyň başga gyzyklanýan şahsyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny haýyş edýän geleşigini, hukugyny ýa-da hukugynyň borçlanmasyny jedel etmek üçin kazyýet edarasyna talap arzasyny bermek isleýän ýazmaça arzasy gelen halatynda hem togtadylyp bilner. Şunda, döwlet bellige alyjysy görkezilen arza gelen mahalynda bellige alyş kitabyna (eger bellige alyş kitaby açylmadyk bolsa, onda gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabyna) degişli belligi girizmäge hem-de bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada çözgüt kabul edilen senesinden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda buýurma haty bilen döwlet tarapyndan bellige alynmagy barada arza beren şahsa bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagynyň togtadylýandygy barada, togtadylmagyň möhletini we sebäplerini, şeýle hem togtadylmaga şikaýat ediliş tertibini görkezmek bilen habar bermäge borçludyr. Şeýle ýagdaýda döwlet bellige alyjysy bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyny 20 (ýigrimi) iş gününden geçmeýän möhlet bilen togtatmga haklydyr. Şunda, gyzyklanýan şahsdan arza gelip gowşandygy barada 20 (ýigrimi) iş gününiň dowamynda kazyýet edarasyndan Gullugyň ýerli edarasyna habar gelip gowşan halatynda, degişli iş kazyýet edarasy tarapyndan çözülýänçä bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy togtadylýar. Eger bellenen möhletde gyzyklanýan şahsyň arzasy gelip gowuşandygy barada kazyýet edarasyndan habar gelip gowuşmasa, döwlet bellige alyjysy bellige alyş hereketlerini amala aşyrmak boýunça işler geçirýär.

63. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagy togtadylanda arza beriji arzasyny yzyna alyp biler, şunda yzyna alnan arza artykmaçlyk hukugyny ýitirýär.

64. Bellige alyş hereketleriniň amala aşyrylmagynyň togtadylmagy barada arza beriji tarapyndan ýokarda durýan edara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

## VIII. Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegi

65. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan şu halatlarda bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilýär:

1) döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza berijiniň haýyş edýän gozgalmaýan emläge bolan hukuk Kanuna we şu Düzgünlere laýyklykda hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna degişli hukuk bolup durmaýan bolsa;

2) hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza bilen degişli däl şahs ýüz tutan bolsa;

3) hukuklaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň amala aşyrylmagy üçin zerur bolan hemme resminamalaryň berilmezligi ýa-da berlen resminamalaryň görnüşi ýa-da mazmuny boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa;

4) hukuk belleýän resminamany beren şahsyň gozgalmaýan emläk babatda ygtyýarlyk etmek hukugyna ygtyýarly bolmasa;

5) gozgalmaýan emlägiň häsiýetiniň barlagynyň netijeleriniň döwlet bellige alnyşyny amala aşyrmak üçin berlen resminamalarda bar bolan maglumatlara gabat gelmezligi ýüze çykarylsa;

6) döwlet tarapyndan bellige alnanda beýleki şahslaryň kanuny hukuklary bozulýan bolsa;

7) özi babatda geleşigi ýa-da hukugy döwlet tarapyndan bellige alynmaga arza berlen gozgalmaýan emlägiň tussag edilmegi hakynda ýazgy bolanda;

8) birwagtlaýyn döwlet tarapyndan bellige alynmagy mümkin bolmadyk dürli arza berijilerden bir wagtyň özünde hukuklary, hukuklaryň borçlanmalaryny döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza berlende.

66. Döwlet bellige alyjysy bellige alyş hereketiniň amala aşyrylmagyndan ýüz dönderilmegi hakynda kararyň kabul edilen senesinden başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda ýüz dönderilmegiň sebäbini, şeýle hem ýüz dönderilmegine şikaýat edilmeginiň tertibini görkezmek bilen, bu barada arza berijä habar bermäge borçludyr.

Şunda, gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň degişli ýazgysynda bellige alyş işlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilendigi barada, onuň sebäplerini hem-de arza berijä berlen habaryň rekwizitlerini görkezmek bilen, degişli bellik edilýär.

67. Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderilmegine esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylanda döwlet tarapyndan bellige alynmagy hakynda arza gaýtadan berlip bilner.

68. Bellige alyş hereketlerini amala aşyrmakdan yüz dönderilmegi barada arza beriji tarapyndan ýokarda duryan edara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

## IX. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň gurluşy

69. Döwlet sanawynyň bellige alyş çäginiň çäklerinde ýöredilmegi Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

70. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitaby her bir gozgalmaýan emlägiň obýekti barada maglumatlary saklaýan bölümlerden ybaratdyr.

71. Bölümler gozgalmaýan emlägiň anyk obýekti, bu obýekte eýeçilik we beýleki emläk hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary we bu obýekt bilen bagly geleşikler, hukuk eýesi, amala aşyrylan bellige alyş hereketler, degişli bellige alyş işine salgylanma we beýleki ýazgylar

barada maglumatlary özünde jemleýär.

72. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň her bölümi gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar tertip belgisi bilen kybaplaşdyrylýar. Eger gozgalmaýan emlägiň obýektine bellenen tertipde kadastr, inwentar tertip belgisi berilmedik bolsa, gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kybaplaşdyrylmagy oňa Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bellenen tertipde berilýän şertli tertip belgisi boýunça amala aşyrylýar.

Gozgalmaýan emlägiň obýektine şertli tertip belgisini bermegiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellenýär.

73. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň bölümleri gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bitewülik ýörelgesi boýunça ýerleşdirilýär.

Binalar, desgalar ýa-da gozgalmaýan emlägiň başga obýektleri (gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläkler we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen halatlarda gozgalmaýan emlägiň başga görnüşleri) hakynda maglumatlary özünde jemleýän bölümler olaryň ýerleşýän ýer bölegi hakyndaky maglumatlary özünde jemleýän bölümiň göni yz ýanynda ýerleşýär. Üzňeleşdirilen jaýlar hakyndaky maglumatlary özünde jemleýän bölümler gös-göni bina, desga ýa-da gozgalmaýan emlägiň başga obýektlerine degişli bölümiň yz ýanynda ýerleşýär.

74. Gozgalmaýan emlägiň obýektine degişli bellige alyş kitaplarynyň döredilmegi (açylmagy) hem-de ýapylmagy döwlet bellige alyjylary tarapyndan amala aşyrylýar.

75. Döwlet sanawynyň bellige alnyş kitaby sahypalara bölünýän 3 sany bölümden ybarat:

1-nji bölüm ýer bölegi barada, hukuk eýesi barada, ýer bölegine bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary barada, ýer bölegi bilen bagly geleşikler barada ýazgylary özünde jemleýär;

2-nji bölüm binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläklere, hukuk eýesi, olara bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary, olar bilen bagly geleşikler baradaky ýazgylary özünde jemleýär.

3-nji bölüm üzňeleşdirilen jaýlar, hukuk eýesi, olara bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary, olar bilen bagly geleşikler baradaky ýazgylary özünde jemleýär.

76. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda I-nji bölümi ýer bölegine bolan hukuk bellige alnanda döredilýär (açylýar) hem-de ýer böleginiň bes edilmegi (ýapylmagy) döwlet tarapyndan bellige alnanda bes edilýär (ýapylýar).

Eger-de ýer böleginde degişlilikde binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläklere ýok bolsa ýa-da bu obýektlerde üzňeleşdirilen jaýlar ýok bolsa, Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda 2-nji we 3-nji bölümler bolman hem biler.

Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda 2-nji we 3-nji bölümler degişlilikde binalara, desgalara, gurluşygy tamamlanmadyk obýektlere, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlara, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalara, emläk toplumynyň düzümine girýän gozgalmaýan emläklere ýa-da binalarda, desgalarda, gurluşygy tamamlanmadyk obýektlerde, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlarda, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalarda üzňeleşdirilen jaýlara bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alnanda döredilýär (açylýar) hem-de degişlilikde binalar, desgalar, gurluşygy tamamlanmadyk obýektler, ýaşalýan we ýaşalmaýan jaýlar, emläk toplumlary hökmündäki kärhanalar we (ýa-da) bu obýektlerde üzňeleşdirilen jaýlaryň bes edilmegi (ýapylmagy) döwlet tarapyndan bellige alnanda bes edilýär (ýapylýar).

## X. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabyny doldurmagyň umumy düzgünleri

77. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň ýöredilmegi döwlet dilinde alnyp barylýar.

78. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň bölümleri aýratyn sahypada alnyp barylýar. Bölümleriň her sahypasy hasaba alyş belgisi bilen kybaplaşdyrylýar.

79. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň bölümlerine girizilýän maglumatlar bir sahypa sygmadyk halatynda, ýazgy goşmaça sahypalarda beýan edilýär, şunda goşmaça sahypalarda «Sahypa» diýen böleginde sahypalar yzygiderli tertip boýunça alnyp barylýar.

Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň bölümleriniň sahypalary olaryň tertip belgisi boýunça ýerleşdirilýär.

Her sahypadaky ýazgylar döwlet bellige alyjysy tarapyndan gol çekilýär we onuň möhüri bilen berkidilýär.

80. «Kadastr tertip belgisi», «Inwentar tertip belgisi», «Şertli tertip belgisi» diýen böleklerde gozgalmaýan emlägiň obýektiniň degişli belgileri görkezilýär.

Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda gozgalmaýan emlägiň obýektine bölüm öň bar bolan obýektleriň bölünmegi, goşulmagy ýa-da şeýle obýektlerden bölünip aýrylmagy esasynda döredilen bolsa ýa-da obýektiň kadastr, inwentar, şertli tertip belginiň üýtgemegine getiren başga sebäpler ýüze çykan bolsa, onda «Öňki (ozalky) kadastr tertip belgisi», «Öňki (ozalky) inwentar tertip belgisi», «Öňki (ozalky) şertli tertip belgisi» diýen böleginde öňki obýektleriň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri görkezilýär.

Eger-de, Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda öň döredilen gozgalmaýan emlägiň obýektiniň bölümi täze obýektiň döredilmegi bilen bes edilýän bolsa, onda täze obýektiň kadastr, inwentar, şertli tertip belgileri «Indiki (soňky) kadastr tertip belgisi», «Indiki (soňky) inwentar tertip belgisi», «Indiki (soňky) şertli tertip belgisi» diýen böleginde görkezilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kybaplaşdyrylmagy oňa Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bellenen tertipde berilýän şertli tertip belgisi boýunça amala aşyrylan ýagdaýynda, bu obýekte bellenen tertipde kadastr, inwentar tertip belgileri berenden soň, Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň degişli sahypasynda şertli tertip belgisi inçe kese çyzyk bilen çyzylýar (ýöne ol öz güýjüni ýitirmeýär we hukuk eýelerine şol wagta çenli berilen ähli resminamalarda galýar) we degişli kadastr, inwentar tertip belgisi girizilýär.

81. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň ýazgysynda hukuk eýesi (hukuklaryna borçlanmalar bellenen şahs, öz peýdasyna borçlanmalar bellenen şahs, geleşigiň tarapy) barada şu aşakdakylar görkezilýär:

şahsy tarap babatda - familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminamasy we onuň rekwizitleri, hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýa-da köplenç bolýan ýeriniň salgysy;

edara görnüşli tarap babatda - doly ady, hususy salgyt belgisi, dowlet tarapyndan hasaba alyş belgisi, döwlet tarapyndan hasaba alnan wagty, hasaba alan edaranyň ady, salgysy (ýerleşýän ýeri);

daşary ýurt edara görnüşli tarap babatda - doly ady, hasaba alnan döwleti, hasaba alyş belgisi, hasaba alnan wagty, hasaba alan edaranyň ady we hasaba alnan döwletinde ýerleşýän ýeri. Şunda daşary ýurt edara görnüşli tarapyň resminamalary döwlet diline terjime edilen we degişli tertipde tassyklanan bolmalydyr;

Türkmenistan döwleti babatda - «Türkmenistan» diýen söz;

daşary ýurt döwleti babatda - doly ady.

82. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň «Hukugy belleýän resminamalar» diýen böleginde olaryň esasynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklar, hukuklaryň borçlanmalary ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamalar hakynda, şu resminamalary kybaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän esasy maglumatlar görkezilýär.

83. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň «Döwlet bellige alyjynyň bellikleri» diýen böleginde gozgalmaýan emlägiň obýektini medeni mirasyň (ýüze çykarylan medeni mirasyň) obýektlerine goşmak, gozgalmaýan emlägiň obýektini kazyýet tertibinde jedelleşmek, kämillik ukyby ýok diýip ykrar edilen ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adamlar barada, hossarlykda (howandarlykda) bolan ýaşaýyş jaýynyň eýesi bilen bile ýaşaýan agzalary barada, ata-enesiniň howandarlygyndan galan ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzalary barada maglumatlar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki maglumatlar görkezilýär.

84. Gozgalmaýan emlägiň obýektini kazyýet tertibinde jedelleşmek, kämillik ukyby ýok diýip ykrar etmek ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen adam barada maglumatlar kazyýetiň çözgüdiniň esasynda ýazylýar (degişli kazyýetiň adyny hem-de çözgüdiň rekwizitlerini görkezmek bilen).

85. Hukuk, hukugyň borçlanmasy, geleşik bes edilende Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynda degişli ýazgysynda onuň bes edilendigi barada ýazgy edilýär.

86. Gozgalmaýan emlägiň obýekti bes edilende, onuň bilen bagly Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabyndaky bölüm ýapylýar. Bölümiň ýapylmagyna esas bolýan hukuk belleýän resminamalaryň rekwizitleri hem görkezilýär. Degişli bölümiň sahypasynyň ýüz tarapynda obýektiň bes edilendigi barada möhürçe basylýar.

## XI. Amala aşyrylan döwlet tarapyndan bellige alnyşyň tassyklanmagy

87. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagynyň, geçmeginiň ýa-da bes edilmeginiň amala aşyrylan döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň tassyklanmagy Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasyna bellige alyş ýazgysynyň ýazylmagy we (ýa-da) arza berijä gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň bellenen tertipde (şu Düzgünlere 1-nji goşundy) berilmegi arkaly geçirilýär.

88. Berilýän gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama (mundan beýläk - şahadatnama) berk hasabatlylykdaky, gorag tory bilen örtülen, ýörite gorag kagyzyndan taýýarlanan resminama bolup durýar.

Şahadatnamada şahadatnamanyň belgisi, şahadatnamany beren Gullugyň ýerli edarasynyň ady, eýeçilik hukugynyň obýektiniň beýany, eýeçilik hukugynyň hukuk eýesi (eýeleri) barada, bar bolan hukuklaryň borçlanmalary, eýeçilik hukugyň döwlet tarapyndan bellige alynmagyna hukuk belleýän resminama, bellikler, döwlet sanawynda bellige alnan belgisi, şahadatnamanyň taýýarlanan senesi görkezilýär.

Şahadatnama ony taýýarlan döwlet bellige alyjynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, san belgisi goly bilen tassyklanýar we onuň möhüri bilen berkidilýär.

89. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy onuň esasynda hukuk, hukugyň borçlanmasy ýüze çykýan, başga birine geçýän we (ýa-da) bes edilýän resminamanyň asyl nusgasyna basylýan bellige alyş ýazgysy (şu Düzgünlere 2-nji goşundy) bilen tassyklanmagy arkaly amala aşyrylýar.

90. Bellige alyş ýazgysynda gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyran Gullugyň degişli ýerli edarasynyň ady, bellige alnan senesi we belgisi, döwlet tarapyndan bellige alnan hukugyň (hukugyň borçlanmasynyň) görnüşi, şeýle hem döwlet bellige alyjynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, san belgisi, goly goýulýar we onuň möhüri bilen berkidilýär.

91. Döwlet sanawynda gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň, bu barada Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan degişli döwlet hasaba alyjy edaralaryna habar berilýär we bu maglumatlary alan degişli döwlet hasaba alyjy edaralary tarapyndan degişli resminamalarda gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugynyň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi, bes edilmegi barada ýazgy edilýär.

## XII. Hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, geleşikleriň bes edilendigi baradaky ýazgylar

92. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabynyň degişli sahypasynyň ýüz tarapynda hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň, geleşikleriň bes edilendigi baradaky ýazgylar bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçe bilen berkidilýär. Bu bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçe döwlet bellige alyjynyň möhüri bilen tassyklanýar.

93. Eger hukuk onuň täze hukuk eýesine geçmegi sebäpli bes edilen bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede goşmaça täze ýüze çykan hukuk barada ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi görkezilýär. Eger hukugyň borçlanmasy doly bes edilmän, beýleki bir şahsy ýa-da edara görnüşli tarapyň peýdasyna üýtgedilýän bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede şol borçlanma barada täze ýazgy edilen degişli bölümiň we sahypanyň belgisi görkezilýär.

94. Eger hukuk täze hukuk eýesine geçmän bes edilen ýa-da huhuklaryň borçlanmalary doly bes edilen bolsa, onda bellige alyş ýazgysyny öçürmek üçin möhürçede täze ýazga salgylanma edilmeýär.

## XIII. Döwlet sanawynyň bellige alyş kitabyndaky

## ýazgylaryň ýatyrylmagy

95. Döwlet sanawynyň resminamasy bolup durýan bellige alyş kitabyndaky ýazgylar diňe kanuny güýje giren kazyýetiň çözgüdi bilen yatyrylmaga degişlidir.

96. Ýazgynyň ýatyrylmagy bellige alyş kitabyna kazyýet tertibinde ýatyrylandygy baradaky ýazgynyň girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

97. Bellige alyş kitabynda kazyýetiň çözgüdi boýunça ýazgy ýatyrylanda bellige alyş kitabyna gozgalmaýan emlägiň öňki bolan hukuk eýesi barada maglumatlar ýazylýar we öň hukuk eýesiniň hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagyna esas bolan hukuk belleýji resminamalaryň maglumatlary we hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň öňki bellige alnan senesi görkezilýär.

## XIV. Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleriň girizilmegi

98. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýalňyşlyklar döwlet bellige alyjysy tarapyndan şu aşakdakylar ýaly düzedilýär:

1) tehniki ýalňyşlyklar - hukuk eýesiniň, beýleki gyzyklanýan adamlaryň we edaralaryň arzalary, döwlet bellige alyjysynyň başlangyjy boýunça;

2) tehniki däl häsiýetli ýalňyşlyklar - kazyýetiň çözgüdi boýunça.

99. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, gozgalmaýan emläge bolan hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirmeýän tehniki ýalňyşlyklar, eger-de olar döwlet tarapyndan bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň mazmunyny, häsiýetini ýa-da degişliligini üýtgetmeýän bolsa, hukuk eýesiniň, beýleki gyzyklanýan adamlaryň we edaralaryň ýalňyşlygy düzetmek baradaky arzalary boýunça, döwlet bellige alyjysynyň başlangyjy boýunça tehniki ýalňyşlygyň düzedilmegi görnüşinde amala aşyrylýar.

100. Döwlet sanawynyň resminamalarynda ýalňyşlygy düzetmek hakyndaky arza ýüz tutýan şahs tarapyndan hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasyna ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berilýär.

Ýalňyşlygy düzetmek üçin ýüz tutýan şahs şolaryň esasynda düzedişleriň geçirilip bilinjekdigini tassyklaýan resminamasynyň we şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasyny goşmalydyr.

Arza gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky çalşylmaga degişli (eger çalşylmaga degişli bolsa) şahadatnama (öň berlen bolsa) hem goşulmalydyr.

Eger-de öň berlen şahadatnamany käbir sebäplere göra goşmak mümkin bolmasa, bu barada arzada görkezilýär hem-de Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan bu barada bellige alyş işinde we bellige alyş kitabynda degişli bellik edilýär.

101. Degişli hukuk, hukugyn borçlanmasy ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýerinden başga ýerde bellige alnan halatynda, arza ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berlende, bu edara degişli hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasyna degişli arzany (oňa goşulan resminamalar bilen) ugradýar.

Degişli hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasy degişli arza boýunça geçirilen işler barada bu arzany iberen Gullugyň ýerli edarasyna habar hem-de degişli resminamalary (şahadatnama we beýleki resminamalary) iberýär.

102. Ýalňyşlygy düzetmek hakyndaky arza gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynda bellige alynýar.

103. Bellige alyş kitabyndaky ýalňyşlygyň düzedilmegi hakyndaky arzany kabul eden mahalynda döwlet bellige alyjysy bellige alyş kitabyna arzanyň gelendigi hakynda degişli bellik edýär.

104. Ýalňyşlyklary düzetmek hakyndaky arzalara Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan 10 (on) iş günüň dowamynda seredilýär.

105. Tehniki ýalňyşlygyň düzedilmeginiň degişli bellige alyş ýazgylaryna ynam bildiren hukuk eýelerine ýa-da üçünji şahslara zyýan ýetirmejekdigine ýa-da olaryň kanuny bähbitleriniň bozulmajakdygyna esas bar bolan halatlarynda bu tehniki ýalňyşlyk düzedilip bilner.

106. Tehniki ýalňyşlygyň düzedilmeginiň degişli bellige alyş ýazgylaryna ynam bildiren hukuk eýelerine ýa-da üçünji şahslara zyýan ýetirip ýa-da olaryň kanuny bähbitlerini bozup biljekdigine esas bar bolan halatlarynda, şeýle düzediş kazyýetiň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

107. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky düzedilmegi gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmalarynyň ýüze çykmagyna, başga birine geçmegine ýa-da bes edilmegine getirip biljek ýa-da gyzyklanýan şahslara zyýan ýetirip biljek ýalňyşlyklar (tehniki däl häsiýetli ýalňyşlyklar), eger-de olaryň düzedilmegi, döwlet tarapyndan bellige alnan hukugyň, hukugyň borçlanmasynyň mazmunyny, häsiýetini ýa-da degişliligini üýtgedýän bolsa, onda kazyýetiň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

108. Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizilýän halatynda Döwlet sanawynyň resminamalarynyň ýazgysyna düzedişler girizmek hakyndaky netijenama bellenen tertipde döwlet bellige alyjysy tarapyndan düzülýär.

109. Ýazgylara düzedişler ýazgylardaky degişli maglumatlaryň üstüni çyzmak, täze maglumatlary we/ýa-da goşmaça maglumatlary girizmek arkaly geçirilýär. Şunda, ýazgylardaky öň bar bolan maglumatlaryň üsti ilkibaşdaky mazmunyny okap bolar ýaly edilip çyzylmalydyr.

Bellige alyş kitaplarynyň sahypalarynda «Bellikler üçin» diýen setirinde düzedişleriň girizilmeginiň esasyny we senesini görkezmek bilen ýazgy ýazylýar, oňa bolsa ýazgy ýazan döwlet bellige alyjysy tarapyndan gol çekilmelidir hem-de onuň möhüri bilen berkidilmelidir.

110. Döwlet bellige alyjysy tarapyndan ýalňyşlyklaryň düzedilendigi hakynda degişli hukuk eýelerine 10 (on) iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde habar berilýär.

111. Döwlet bellige alyjysynyň günäsi bilen goýberilen ýalňyşlyklaryň düzedilmegi hem-de ýalňyşlyklary bolan resminamalaryň çalşyrylmagy muzdsuz amala aşyrylýar.

112. Hukuk eýeleri hakyndaky kybaplaşdyryş maglumatlaryň, ilatly ýerleriň we köçeleriň atlarynyň, jaýlaryň tertip belgileriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly ýa-da başga ýagdaýlarda Döwlet sanawynyň resminamalaryna düzedişleri girizmek hukuk eýeleriniň arzalary ýa-da döwlet edaralaryndan gelýän degişli maglumatlaryň esasynda geçirilýär.

113. Eger-de döwlet tarapyndan bellige alynmagy döwlet edarasy tarapyndan berlen resminama esasynda amala aşyrylan bolsa hem-de düzedişler şol resminamadaky maglumatlara degişli bolsa, ýalňyşlyklary düzetmek şol döwlet edarasy tarapyndan berlen degişli resminama degişli üýtgetmeler (goşmaçalar) girizilenden soň amala aşyrylmalydyr.

114. Döwlet sanawynyň resminamalaryndaky ýazgylaryna düzedişleri girizmekden ýüz dönderilmegi ýa-da nädogry girizilen düzedişler barada ýüz tutýan şahs tarapyndan Gullugyň ýerli edarasynyň ýokarda durýan edarasyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

## XV. Resminamalary dikeltmegiň tertibi

115. Eger bellige alyş işinde saklanýan hukuk belleýji ýa-da başga resminamalara zeper ýeten bolsa ýa-da olar ýok edilen bolsa, Gullugyň ýerli edarasy bu agzalan resminamalary (mundan beýläk - resminama) ähli ýol berilýän usullar, şol sanda zerur resminamalary olary

beren hukuk eýesinden, döwlet edaralaryndan sorap almak arkaly dikeldip biler. Ýitirilen resminamalaryň göçürme nusgalarynyň Döwlet sanawyndan alynmagyna rugsat berilýär.

116. Kagyz göterijilerinde bellige alyş sahypalary ýitirilen (zaýalanan) mahalynda, ýitirilen (zaýalanan) sahypa boýunça maglumatlar Döwlet sanawynyň maglumatlar ulgamyndan we (ýa-da) bellige alyş işinde saklanýan maglumatlardan dikeldilip bilner.

117. Onuň esasynda Döwlet sanawynda hukuklarynyň döwlet tarapyndan bellige alnyşy geçirilen gozgalmaýan emlägiň obýekti üçin hukuk belleýji resminamanyň asyl nusgasy (tassyklanan göçürme nusgasy) ýitirilen ýa-da oňa zeper ýetirilen halatlarynda, hukuk belleýji resminamanyň dikeldilmegi bellige alyş işinde saklanýan agzalan resminamanyň göçürme nusgasyndan öwezliginiň berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

118. Resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligini almak üçin arza beriji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligini almak üçin arza bermelidir.

Bu arzada resminama we (ýa-da) şahadatnama ýitirilen, zeper ýetirilen ýa-da onuň öwezligini almaga (çalşylmagyna) getiren beýleki ýagdaýlar görkezilmelidir.

Bu arza ýüz tutýan şahs tarapyndan hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň degişli ýerli edarasyna ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berilýär.

119. Resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligini almak üçin arzanyň ýanyna şu Düzgünleriň 27-nji bölümine laýyklykda arza berijiniň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy hem-de resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligini almak üçin tölegiň tölenendigini tassyklaýan resminama goşulmalydyr.

120. Degişli hukuk, hukugyň borçlanmasy ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýerinden başga ýerde bellige alnan halatynda, arza ýüz tutýan şahsyň ýaşaýan ýeri boýunça Gullugyň ýerli edarasyna berlende, bu edara degişli hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasyna degişli arzany (oňa goşulan resminamalar bilen) ugradýar.

Degişli hukugy, hukugyň borçlanmasyny bellige alan Gullugyň ýerli edarasy degişli arza boýunça geçirilen işler barada 10 (on) iş gününiň dowamynda bu arzany iberen Gullugyň ýerli edarasyna habar hem-de degişli resminamalaryň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligini iberýär.

121. Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegi hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň asyl nusgasynyň (tassyklanan göçürme nusgasynyň) güýjüniň ýatyrylandygyny tassyklaýar.

Şunda, bellige alyş kitabynyň degişli sahypasynda we bellige alyş işinde hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň asyl nusgasynyň (tassyklanan göçürme nusgasynyň) güýjüniň ýatyrylandygy barada degişli ýazgy ýazylmaga degişli.

122. Hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezligi hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň doly mazmunyny özünde saklamalydyr we onda «Öwezlik» diýen bellik edilmelidir.

Şahadatnamanyň «Döwlet bellige alyjysy» diýen setirinde bu şahadatnamanyň asyl nusgasyny beren döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady we san belgisi görkezilýär.

«Döwlet bellige alyjysy» diýen setirinden soň «Öwezligi beren» diýen sözler ýazylyp, şahadatnamanyň öwezligini beren döwlet bellige alyjysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady we san belgisi görkezilýär, onuň goly bilen tassyklanýar hem-de möhüri bilen berkidilýär.

123. Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edara hukuk belleýji resminamanyň we/ýa-da şahadatnamanyň öwezligini 5 (bäş) iş gününiň dowamynda berýär, şu Düzgünleriň 120-nji bölüminde görkezilen ýagdaý muňa degişli däldir.

124. Ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen hukuk belleýji resminamanyň we (ýa-da) şahadatnamanyň öwezliginiň berilmegi we asyl nusgasynyň (tassyklanan göçürme nusgasynyň) giiýjüniň ýatyrylmagy Gulluk tarapyndan bellenen tertipde amala aşyrylýar.

## XVI. Döwlet sanawyndan maglumatlaryň berilmegi

125. Gulluk, Gullugyň müdirligi ýa-da Gullugyň ýerli edarasy şahsyýetini tassyklaýan resminamany beren şahsyň ýazmaça arzasy boýunça geçirilen bellige alyş hakynda we gozgalmaýan emläge bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary barada maglumatlary (mundan beýläk - maglumatlar) berýär, döwletiň ýa-da täjirçilik syryny düzýän maglumatlar muňa degişli däldir.

126. Anyk şahsa we edara görnüşli tarapa degişli maglumatlar diňe şulara berilýär:

1) olaryn hukuk eýelerine;

2) hukuk eýelerinden ynanç hatyny alan şahsy we edara görnüşli taraplara;

3) gozgalmaýan emläge bolan hukuklar hukuk kabul edijilik tertibinde özlerine geçýän şahslara;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýetlere we beýleki döwlet edaralaryna.

127. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýet we beýleki ygtyýarly döwlet edaralaryna maglumatlar welaýat boýunça zerur bolan ýagdaýynda bu maglumat Gullugyň müdirligi tarapyndan, Türkmenistan boýunça zerur bolan ýagdaýynda Gulluk tarapyndan berlip bilner.

128. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýet we beýleki döwlet edaralary tarapyndan esasly talapnama boýunça olaryň ygtyýarlyklaryna laýyklykda bellige alyş işinde bolan resminamalaryň göçürme nusgalary berilýär.

129. Gozgalmaýan emlägiň obýektlerine bolan hukuklaryň we hukuklaryň borçlanmalary bellige alnandygy hakyndaky maglumatlar, eger Kanunda başgaça bellenmedik bolsa, tölegli berilýär.

130. Arza ýa-da ýazmaça talapnama Döwlet sanawyndan maglumatlaryň berlendigi üçin tölegiň tölenendigini tassyklaýan töleg hatynyň asyl nusgasy goşulmalydyr, Türkmenistanyň kanunçylygynda bu tölegleri tölemekden boşadylan halatlar muňa girmeýär.

131. Maglumatlar ýa-da maglumatlaryň berilmeginden esasly ýüz döndermek arza berlen gününden başlap ýa-da ýazmaça talapnama gelen pursadyndan başlap 3 (üç) iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde berilýär.

132. Döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan edara tarapyndan soralýan maglumatlaryň berilmeginden ýüz dönderilen halatynda, bu çözgüt ýüz döndermegiň sebäplerini görkezmek bilen, arza berijä ýa-da ýazmaça talapnama bilen ýüz tutan tarapa habar iberilýär ýa-da berilýär.

133. Soralýan maglumatlar Döwlet sanawynda bolmadyk ýagdaýynda, arza ýa-da ýazmaça talapnama bilen ýüz tutan tarapa bu barada habar berilýär.

134. Döwlet sanawyndan maglumatlary özünde jemleýän resminama döwlet bellige alyjysy tarapyndan gol çekilýär we onuň möhüri bilen berkidilýär.

135. Berlen maglumatlar hakynda maglumat hasaba alynmaga degişlidir.

136. Gulluk, Gullugyň müdirligi ýa-da onuň ýerli edarasy hukuk eýesiniň arzasy ýa-da talapnamasy boýunça oňa hukugy bolan gozgalmaýan emläk baradaky maglumatlary alan şahslar we edaralar hakynda maglumat bermäge borçludyr.

137. Maglumatlaryň berilmeginden ýüz dönderilmegi ýa-da nädogry maglumatyň berilmegi kazyýete şikaýat edilip bilner.

138. Maglumatyň berilmezligi ýa-da nädogry maglumatyň berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige eltýär.

139. Gozgalmaýan emläge bolan bellige alnan hukuklar we hukuklaryň borçlanmalary hakynda maglumatlar Döwlet sanawyndan göçürme görnüşinde berilýär.

140. Bellige alyş kitabyndan göçürmäniň görnüşi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

## XVII. Gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba almagy amala aşyrýan döwlet edaralary tarapyndan Döwlet sanawyny alyp barmak üçin maglumatlaryň iberilmegi

141. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralara we Geňeşler (daýhan birleşikleri we beýleki oba hojalyk kärhanalary) gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba almagy amala aşyrýan (mundan beýläk - hasaba alyjy edaralar) döwlet edaralary bolup durýarlar.

142. Hasaba alyjy edaralar şu aşakdakylar babatda çözgütleri kabul eden halatynda, maglumatlaryň Döwlet sanawyna girizilmegi üçin resminamalary Gullugyň degişli ýerli edarasyna ibermäge borçludyrlar:

1) administratiw-çäk birlikleriniň we ilatly nokatlaryň araçäkleriniň bellenmegi ýa-da üýtgedilmegi hakynda;

2) gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň salgylarynyň dakylmagy hakynda ýa-da şeýle salgylaryň üýtgedilmegi hakynda;

3) gozgalmaýan emlägiň obýektini ulanyşa girizmek üçin rugsadyň berilmegi hakynda;

4) ýaşaýyş jaýynyň ýaşalmaýan jaýa, ýaşalmaýan jaýyň ýaşalýan jaýyna geçirilmegi hakynda.

Administratiw-çäk birlikleriniň we ilatly nokatlaryň araçäkleriniň bellenmegi ýa-da üýtgedilmegi hakynda Gullugyň degişli ýerli edarasyna ygtyýarly edaralar tarapyndan kabul

edilýän namasyndaky maglumatlary özünde saklaýan resminama 10 (on) senenama gününiň dowamynda iberilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň salgylarynyň dakylmagy hakynda ýa-da şeýle salgylaryň üýtgedilmegi hakynda çözgüt kabul edilende ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralara tarapyndan Gullugyň degişli ýerli edarasyna salgylarynyň dakylmagy hakynda ýa-da şeýle salgylaryň üýtgedilmegi hakynda kabul edilen çözgütdäki maglumatlary özünde saklaýan resminama (bolan ýagdaýynda gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar tertip belgisini görkezmek bilen) 10 (on) senenama gününiň dowamynda iberilýär.

Gozgalmaýan emlägiň obýektini ulanyşa girizmek üçin rugsadyň berilmegi hakynda Gullugyň degişli ýerli edarasyna gozgalmaýan emlägiň obýektini ulanyşa girizmek üçin rugsady beren degişli ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralara tarapyndan kabul edilen çözgütdäki maglumatlary özünde saklaýan resminama 10 (on) senenama gününiň dowamynda iberilýär.

Ýaşaýyş jaýyny ýaşalmaýan jaýa ýa-da ýaşalmaýan jaýy ýaşaýyş jaýyna geçirmek hakynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralara ýa-da Geňeşler tarapyndan Gullugyň degişli ýerli edarasyna ýaşaýyş jaýyny ýaşalmaýan jaýa ýa-da ýaşalmaýan jaýy ýaşaýyş jaýyna geçirmek hakynda kabul edilen karardaky maglumatlary özünde saklaýan resminama (bolan ýagdaýynda gozgalmaýan emlägiň obýektiniň kadastr, inwentar tertip belgisini hem-de geçirilmegi amala aşyrylýan jaýyň niýetlilenişini görkezmek bilen), jaýy gaýtadan enjamlaşdyrmak ýa-da onuň meýilleşdirilişini üýtgetmek ýa-da ony ýaşaýyş jaýy ýa-da ýaşalmaýan jaý hökmünde peýdalanmak üçin başga geçirilen zerur işleriň tamamlanandygyny tassyklaýan kabul ediş toparynyň delilnamasynda bolan maglumatlary özünde saklaýan resminama 10 (on) senenama gününiň dowamynda iberilýär.

143. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralara tarapyndan gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň öňki we soňky salgylary hem-de obýektleriň atlary (bolan ýagdaýynda) barada maglumatlary Gullugyň degişli ýerli edaralaryna yzygiderli iberilmelidir.

144. Hasaba alyjy edaralar tarapyndan gozgalmaýan emlägiň obýektleriniň hasaba alynmagy, şeýle hem gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň, hukuklaryň borçlanmasynyň ýüze çykmagy, üýtgemegi we (ýa-da) bes edilmegi bilen baglanyşykly başga çözgütler hem kabul edilen halatlarda, maglumatlaryň Döwlet sanawyna girizilmegi üçin resminamalary ibermäge borçludyrlar.

145. Ýöriteleşdirilen kadastrlaryň (sanawlaryň) ýöredilmegini amala aşyrýan edaralar olara gozgalmaýan emlägiň obýektleri hakynda üýtgetmeleri girizen gününden başlap 10 (on)

senenama gününiň dowamynda Gulluga degişli maglumatlaryň Döwlet sanawyna girizilmegi üçin zerur resminamalary iberýärler.

146. Gozgalmaýan emlägiň obýektlerini hasaba alyjy edaralar tarapyndan şu Düzgünleriň 142-nji bölüminde görkezilen çözgütler kabul edilen halatynda, olar tarapyndan iberilýän maglumatlar Döwlet sanawyna girizilmelidir.

Eger-de iberilen resminamalardaky maglumatlar şeýle resminamalaryň görnüşlerine bildirilýän talaplara we mazmunyna laýyk gelmeýänligi sebäpli Gullugyň ýerli edarasy tarapyndan Döwlet sanawyna girizilmegi mümkin bolmasa, Gullugyň ýerli edarasy resminamalar gelip gowşan gününden başlap 5 (bäş) iş gününiň dowamynda şu resminamalary iberen degişli döwlet edarasyna resminamalardaky bolan maglumatlaryň anyklanmagy barada yüzlenmelidirler. Bu ýüzlenmede goýlan mesele boýunça degişli döwlet edarasy 3 (üç) iş gününiň dowamynda jogap bermelidir.

147. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan döwlet sanawyny alyp barýan beýleki döwlet edaralary tarapyndan Döwlet sanawyny alyp barmak üçin zerur bolan resminamalar we maglumatlar degişlilikde Gulluga, Gullugyň müdirligine, Gullugyň ýerli edarasyna iberilmelidir.

148. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Gullugyň, Gullugyň müdirlikleriniň, Gullugyň ýerli edaralarynyň maglumatlary iberýän beýleki döwlet edaralaryň arasynda maglumatlar ýeke-täk awtomatlaşdyrylan elektron maglumatlar ulgamynyň üsti bilen alşylýar.

149. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Gullugyň, Gullugyň mudirliklerniň, Gullugyň ýerli edaralarynyň, maglumatlary iberýän beýleki döwlet edaralaryň arasynda ýeke-täk awtomatlaşdyrylan elektron maglumatlar ulgamy döredilip işe girizilýänçä, şeýle hem girizilenden soň käbir sebäplere görä awtomatlaşdyrylan elektron maglumatlar ulgamynyň üsti bilen resminamalary we maglumatlary alyşmak mümkin bolmadyk halatynda, degişli resminamalary we maglumatlary alyşmak kagyz we/ýa-da elektron göterijilerde ibermek arkaly amala aşyrylýar.

150. Resminamalar (maglumatlar) iberilende olary taýýarlamaga, kabul etmäge we olar bilen işlemäge gatnaşmaýan şahslar tarapyndan gatyşylmagynyň öňüni almagy üpjün edilmelidir.

151. Degişli döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Adalat ministrligine, Gulluga, Gullugyň müdirliklerine, Gullugyň ýerli edaralaryna resminamalary we maglumatlary ibermek muzdsuz tertipde amala aşyrylýar.

152. Hasaba alyjy edaralar tarapyndan Gulluga iberilýän resminamalaryň sanawy we mazmuny, olary ibermegiň tertibi we möhletleri, şeýle resminamalaryň görnüşlerine bildirilýän talaplar Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellenýär.

## XVIII. Resminamalary saklamagyň tertibi we möhletleri

153. Gulluk, Gullugyň müdirlikleri, Gullugyň ýerli edaralary öz arhiwini döredýärler, bellenen tertipde tikilen, sahypalanan we möhür bilen berkidilen resminamalaryň bellenen möhletleriň dowamynda ygtybarly saklanmagyny hem-de hasabynyň ýöredilmegini üpjün edýärler.

Resminamalar arhiwe bellenen tertipde tabşyrylýar we arhiwiň katalogyna girizilýär.

Resminamalary saklamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde bolmaly ýagdaýynyň şertlerini döretmek üpjün edilýär.

154. Resminamalar düzülen gününden Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möhletiň dowamynda Gullukda, Gullugyň müdirliginde, Gullugyň ýerli edaralarynda saklanylýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möhlet geçenden soň resminamalar Pudaklaýyn arhiwe iberilýär.

## XIX. Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda hasabatlylyk

155. Gullugyň ýerli edaralary tarapyndan her aýyň birinden gijä galman gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky, berk hasabatdaky şahadatnamalaryň ülňüleriniň sarp edilişi hakyndaky, alnan döwlet pajy we beýleki tölegler hakyndaky hasabaty Gullugyň müdirligine iberýärler.

Gullugyň müdirlikleri gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynandygy hakyndaky, berk hasabatdaky şahadatnamalaryň ülňüleriniň hereketi hakyndaky, alnan döwlet pajy we beýleki tölegler hakyndaky öz hasabatyny hem-de Gullugyň ýerli edaralaryndan gelen hasabatlary jemläp, Gulluga iberýärler.

Gulluk degişlilikde öz hasabatyny hem-de Gullugyň müdirliklerinden gelen hasabatlary jemläp, Türkmenistanyň Adalat ministrligine iberýär.

## XX. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöretmek, olary saklamak we olaryň harçlanylyşy

## barada hasabatlylyk

156. Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalaryň ülňüleri berk hasabatlylykdaky resmi resminamalar bolup durýar.

157. Şahadatnamalaryň ülňüleri Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna çaphana usulynda taýýarlanýar.

158. Şahadatnamalaryň ülňüleri berk hasabatlylykdaky resmi resminamalar bolup durýandygy sebäpli, olaryň hasabyny ýöretmek we saklamak olaryň ýitirilmeginiň ýa-da ogurlanmagynyň her hili mümkinçiligini aradan aýryp guralmalydyr.

159. Ýetmezli ülňüler (gorag torunyň, çap edilen ýazgysynyň bolmazlygy ýa-da olara zeper ýetmegi, gaýtalanýan sanlaryň bolmagy, gyşyk harplar bilen ýazylmagy, ülňüleriň tapgyrlarynyň we sanlarynyň ýetmezçilik etmegi ýa-da laýyk gelmezligi we beýlekiler) ýüze çykarylan ýagdaýda delilnama düzülýär.

160. Şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöretmek boýunça şu kitaplar ýöredilýär:

1) Gullukda - çaphanadan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöretmek boýunça kitap, çaphanadan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullugyň müdirligine berilmeginiň hasabyny ýöretmek boýunça kitap;

2) Gullugyň müdirliginde - Gullukdan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöretmek boýunça kitap, Gullukdan kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň Gullugyň ýerli edaralaryna berilmeginiň hasabyny ýöretmek boýunça kitap;

3) Gullugyň ýerli edaralarynda - Gullugyň müdirliginden kabul edilen şahadatnamalaryň ülňüleriniň hasabyny ýöretmek boýunça kitap, şahadatnamalarynyň ülňüleriniň harçlanylyşynyň hasabyny ýöretmek boýunça kitap.

161. Şahadatnamalaryň ülňüleri Gullugyň çykdajylar delilnamasy esasynda Gullugyň müdirliginde girdeji edilýär. Şahadatnamalaryň ülňüleri Gullugyň müdirliginde çykdajylar delilnamasy esasynda Gullugyň ýerli edarasynda girdeji edilýär.

162. Şu Düzgünleriň 160-njy bölüminde görkezilen kitaplara girizilen her bir ýazgy degişli salgylanmalar bilen düzedilýär hem-de düzedişleri girizen şahsyň goly bilen tassyklanmalydyr we möhüri bilen berkidilmelidir.

163. Şahadatnamalaryň ülňüleri ýanmaýan ýa-da demir şkaflarda saklanmalydyr. Işlenmeýän wagty şahadatnamalaryň ülňüleri saklanýan şkaflar möhürlenýär.

164. Ülňülere şahadatnamalaryň ülňüleriniň saklanylmagy üçin jogapkar wezipeli adamlar aralaşyp bilýär.

165. Şahadatnamalar doldurylan mahaly zaýalanan ülňüler, ýetmezli ülňüler (gorag torunyň, çap edilen ýazgysynyň bolmazlygy ýa-da olara zeper ýetmegi, gaýtalanýan sanlaryň bolmagy, gyşyk harplar bilen ýazylmagy, ülňüleriň tapgyrlarynyň we sanlarynyň ýetmezçilik etmegi ýa-da laýyk gelmezligi we beýlekiler) delilnama bilen bilelikde şahadatnamalaryň harçlanylyşy hakynda hasabatyň ýanyna goşulyp degişli Gullugyň müdirligine iberilýär.

166. Şahadatnamalaryň ülňülerini ýok etmek Gullugyň müdirliginde döredilýän topar tarapyndan delilnama boýunça ýylda azyndan bir gezek ýakmak arkaly ýa-da tehniki serişdeleri peýdalanyp geçirilýär.

Şahadatnamalaryň ülňülerini ýok etmek baradaky delilnama iki nusgada düzülýär. Delilnama toparyň ýolbaşçysy we agzalary tarapyndan gol çekilmelidir we degişli Gullugyň müdirliginiň möhüri bilen berkidilmelidir.

Şahadatnamalaryň ülňülerini ýok etmek baradaky delilnamanyň bir nusgasy şahadatnamalary ýok etmegi geçiren Gullugyň müdirliginde galýar, beýleki nusgasy bolsa, Gulluga iberilýär.

167. Şahadatnamalaryň ülňüleriniň ogurlanmagy ýüze çykarylan halatda, bu barada hut şol günüň özünde içeri işler edaralaryna habar berilýär. Bolup geçen waka we görlen çäreler hakynda Gullugyň ýerli edaralary Gullugyň müdirliklerine, Gullugyň müdirlikleri Gulluga habar berýär hem-de Gullugyň üsti bilen Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar berilýär.

168. Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalaryň hasaba alnyş kitabynyň, Bellige alyş kitabynyň, Bellige alyş işiniň, Döwlet sanawyndan şahsy we edara görnüşli taraplaryň maglumat bermek baradaky ýüz tutmalaryny hasaba alyş kitabynyň, Döwlet tarapyndan bellige alynmaga gelip gowuşýan resminamalary kabul etmekden ýüz dönderilendigi barada hasaba alnyş kitabynyň, Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň, Gozgalmaýan emlägiň girewe alynmagynyň, gozgamasyz edilmeginiň hasaba alyş kitabynyň, gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we hukuklarynyň borçlanmalary bellige alnan şahslaryň elipbiý tertibinde sanawynyň kitabynyň hasabyny ýöretmek maksady bilen, bu kitaplaryň tükelleýiş kitaplary ýöredilýär.

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we

onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet

sanawyny ýöretmegiň Düzgünlerine

1-nji goşundy

**Gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugy baradaky**

**ŞAHADATNAMA**

№________________________

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

______________________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyran Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

Eýeçilik hukugynyň obýekti:____________________________________

eýeçilik hukugynyň obýekti, niýetlenişi, meýdany

_________________________________________________________

salgysy (ýerleşýän ýeri)

____________________________________________________________________

obýektiň kadastr, inwentar ýa-da şertli tertip belgisi

Eýeçilik hukugynyň eýesi (eýeleri):_________________________________

____________________________________________________________

Bar bolan hukuklaryň borçlanmalary:_______________________________

Hukugy belleýän resminamalar:____________________________________

Bellikler:_____________________________________________________

Döwlet sanawynda “___” ________20 ___ý. _______________belgi bilen

bellige alyndy

Şahadatnamanyň taýýarlanan senesi: “____”____________20_______ý.

Döwlet bellige alyjy________ ______________ __________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.

Sahypa Sahypalaryň umumy sany__

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we

onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawyny

ýöretmegiň Düzgünlerine

2-nji goşundy

**Bellige alyş ýazgy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk**

______________________________________________________

(gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagyny amala aşyrýan Gullugyň ýerli edarasynyň ady)

Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň Döwlet sanawynda

“___”_________20____ý. _________________Belgi bilen bellige alyndy

______________________________________________________

(döwlet tarapyndan bellige alnan hukugyň (hukugyň borçlanmasynyň) görnüşi)

Döwlet bellige alyjy____________ __________ ____________________

(goly) (san belgisi) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

M.Ý.